Skaneriň aşakdaky görnüşleri bar:

- el skaneri,
- barabanly skaner,
- surat skaneri,
- planşet skaneri.

**El skaneri** – bu suraty ýa-da kagyzdaky ýazgyny kompýutere geçirmek üçin el bilen süýşürilýän gurluşdyr. Bu skanerler häzir önümçi-likden aýryldy.

**Barabanly skaner** – bu ýeke kagyzlary çalt skanirlemek üçin hyz-mat edýän gurluşdyr.

**Surat skaneri** – bu slaýdlardan ýa-da suratyň plýonkalaryn-dan şekili kompýutere geçirmek üçin hyzmat edýan gurluşdyr. Sanly fotoapparatlaryň arzanlamagy sebäpli, bu görnüşiň hem tizden önümçi-likden aýrylmagy mümkindir.

**Planşet skaneri** – ýazgyly ýa-da suratly kagyzdan maglumaty şekil görnüşinde kompýutere geçirýän enjam. Onuň ölçegi dürli ululykda bolýar. Skanerler çaltlygy, hili we beýleki mümkinçilikleri boýunça bir birinden tapawutlanýarlar. Aşakdaky suratlarda **Hewlett – Packard** korporasiýasynyň dürli kysymly skanerleri getirilen.

**Baýram ANNAMUHAMMEDOW**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar**
**we Informatika institutynyň talyby**

Все права защищены